# Sen barybir düşünmersiň

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Sen barybir düşünmersiň SEN BARYBIR DÜŞÜNMERSIŇ

Belki, şol pursat agladygym bolar,
Ýyldyrymlap, gök gümmürdän çagynda.
Tebigat sözlemden simfonýa düzer,
Bilbill ýerne ýetir Bagdat bagynda.

Jumalagyma-da ýaň boljak borun,
Öwrüljek bolaryn her bir dile-de.
Nilde yşkym hakda goşgy okaryn,
Adyňy ýazaryn Ortaýere-de.

Gussamy düzerin piramida deýin,
Bolar gullarda-da bolmadyk ahwal.
Ýuwaşjadan derdim döküp başlasam,
Sfinkisden gözýaş dammagy ahmal.

Redaksiýa bererin syrymdan bölek,
Ýeňlenjek bolaryn ezýetlerdenem.
Ýüregimi alyp okajak borsuň,
Tapmansoň köpüsin gazetlerdenem.

Maňlaýmy Ak deňze ýuwjak bolaryn,
Belki-de, garanyň gider-le ýary.
Kalbymdaky odam sönmänkä, bir gün
Şatlanjak bolaryn indeýler ýaly…

Ylham GURBANALYÝEW. Goşgular